*Kerim Gurbannepesow*

# Täze Ýylda

**Täze ýylda paý alyň siz,**
**Hemme zatlaň täzesinden.**
**Ýöne käte täze gözläp,**
**Mahrum bolmaň könesinden.**

**Erkek täze aýal gözläp,**
**Ynjytmasyn başkysyny.**
**Goňşy, täze goňşy gözläp,**
**Taşlamasyn goňşusyny.**

**Şahyr nysak gözläp,**
**Unutmasyn könesini.**
**Ogul täze «hasap» gözläp,**
**Aglatmasyn enesini.**

**Başlyk täze işgär gözläp,**
**Köneleri dargatmasyn,**
**Ýigit täze magşuk gözläp,**
**Başkysyna gargatmasyn.**

**Gyzlar täze köýnek gözläp,**
**Taşlamasyn düýnkisini.**
**Aýal täze erkek gözläp,**
**Gaçyrmasyn öňküsini.**

**Dostlar täze dost agtaryp,**
**Ýüz sowmasyn könesdinden.**
**Täze zat hem oňat welin,**
**Aýlanaýyn könesinden.**
**************